# SÖZBAŞY

Hormatly okyjy!

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň ylmy-amaly elektron žurnalynyň şu sanyny siziň dykgatyňyza hödürleýäris.

Ylmyň dürli ugurlaryna bagyşlanan žurnalyň bu sanynda Türkmenistanda ylmyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda ýurdumyzyň alymlarynyň ýerine ýetiren ylmy işleri ýerleşdirildi.

«Gäminiň energetiki desgalarynyň işläp çykaran gazlarynyň daşky gurşawa ýetirýän täsiri» atly makalada gäminiň energetiki desgalarynyň işläp çykaran gazlarynyň daşky gurşawa täsirine seljerme geçirilýär. Hazar deňziniň Türkmenistan sebitinde hereket edýän söwda, tanker we harby gämileriň energetiki desgalaryndan işlenip çykarylýan zäherli gazlara baha bermek üçin ýörite gaz analizatoryny ornaşdyrmak teklip edilýär.

«Pes dykyzlykly polietilen galyndylarynyň (pdpe) Tenebrio molitor (*Coleoptera, Tenebrionidae*) tomzagynyň liçinkasy tarapyndan biodargadylmagy» atly makalada barlaghana şertlerinde geçirilen tejribe synaglarynyň netijeleri boýunça Tenebrio molitor tomzagynyň dürli ýaşlaryndaky liçinkalary tarapyndan pes dykyzlykly polietilen galyndylarynyň biodargama sezewar bolýandygy beýan edilýär. Onuň üçin belli bir temperaturada we çyglylykda optimal ýagdaýlar saýlanylýar.

«Merkezi Köpetdagdaky garauklar maşgalasynyň (*Apiaceae Lindl.*) biologiki baýlyklary we fitohimiki häsiýetnamasy» atly makalada Merkezi Köpetdagdaky garawuklar maşgalasynyň birnäçe görnüşleriniň tebigy populýasiýalarynyň häzirki ýagdaýy, biomorfologik häsiýetnamasy, ekologik aýratynlyklary, areallary, fitohimiki we farmakologik aýratynlyklary, biologiki baýlyklary seljerilýär we olary Türkmenistanyň derman senagatynda peýdalanmagyň mümkinçiliklerine baha berilýär.

«Kerrewligiň we kerligiň innowasion barlag usullaryny amalyýete ornaşdyrmaklygyň netijeliligi» atly makalada, kerrewligi irki döwürde anyklamak, bejermek, gözegçilikde alyp barmak üçin niýetlenilen eşidişiň innowasion, obýektiw barlag usullary ylmy taýdan seljerilýär. Öý şertlerinde kiçi ýaşly çaganyň eşidişini anyklamak boýunça amalyýetde geçirilen ylmy-barlag işleriň çäklerinde işlenip düzülen barlag-bejergi çäreleriniň kämilleşdirilen netijeli usullarynyň yzygiderliligi beýan edilýär.

«Süňkleriň fibroz displaziýa keseliniň bejeriliş aýratynlygy» atly makala süňkleriň monossal fibroz displaziýasy keseli bilen bejergi alan näsaglaryň kompýuter tomografiýa barlaglarynyň netijelerine seljerme geçirilýär meýilleşdirilýän operasiýalaryň göwrümini hem-de olarda gerek boljak plastiki materiallary öňünden kesgitlemek ýaly möhüm meselelerde 3D formatly kompýuter tomografiýa barlaglarynyň netijeliligine baha berilýär.

«Lukmançylyk ylmynda mass-spektrometriýa usulynyň ulanylyşy» atly makalada adamyň gan plazmasynyň hem-de peşewiň düzümindäki steroid gormonlary, galkan şekilli mäziň gormanlaryny, witaminleri hem-de saçyň hem-de dyrnagyň düzümindäki ýaşaýyş üçin zerur bolan mikro elementleriň mukdarlaryny kesgitlemek maksady bilen, Agilent kompaniýasynyň Infiniti 1290 kysymly we kwadrupol mass detektory bolan suwuklyk hromatograf hem-de Agilent kompaniýasynyň 7850 kysymly ICP-MS mass spektrometr enjamlarynyň işleýşine giňişleýin seljerme berilýär.

«Ýerli çig mallaryň esasynda gidrofob düzümli ýol gurluşyk materiallaryny taýýarlamak» atly makala ýerli çig mallardan gidrofob düzümli ýol gurluşyk materiallaryny taýýarlamaklyga bagyşlanan bolup, işlenip düzülen tehnologiýanyň esasynda barlaghana şertlerinde asfaltyň düzümine kükürt we emulgator goşmak arkaly hemodurnukly, bahasy amatly, uzak ýaramlylyk möhletli ýol-gurluşyk materialy alynýar.

Žurnalyň redaksiýasy makalalaryňyza sabyrsyzlyk bilen garaşýar.

**Žurnalyň redaksion geňeşi**